# Siriýada suw: Şu günüñ suwsuzlygy – ertiriñ betbagtçylygy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Siriýada suw: Şu günüñ suwsuzlygy – ertiriñ betbagtçylygy
SIRIÝADA SUW: ŞU GÜNÜÑ SUWSUZLYGY – ERTIRIÑ BETBAGTÇYLYGY




*Siriýadaky suw ýetmezçiligi siriýalylaryñ köpüsini başagaýlyga salýar. Bu ýagdaýyñ dowam etmegi olary hasam erbet bir ýagdaýa äkider: azyk önümlerini, esasanam bugdaý we gök önümlerini ýetişdirip bilmezlikleri netijesinde azyk üpjünçiligi howpsuzlygyna ýiti täsirini ýetirer*

Gündogar Ortaýer deñzinde suw ýetmezçiliginden kösenýän ýurt diñe Siriýa däl, çünki bu ýagdaý sebitiñ ähli ýurtlaryna (Türkiýeden başga) mahsus.

Ähli ýurtlar bu boýunça degişli problemalara duçar bolup gelýärler. Emma Siriýanyñ bu babatdaky problemalary diñe suw ýetmezçiligi sebäpli däl, şol bir wagtyñ özünde Siriýadaky we onuñ daş-töweregindäki urşuñ Siriýadaky suw ýetmezçiligine täsirini ýetirýändigi sebäpli howply we kyn ýagdaýlary

döredýär.
Siriýadaky suw problemasyna ýüzleýje seredip geçenimizde, tapawutlanýan birnäçe aýratynlygyny aýdyňlaşdyryp bilýäris.
Siriýa suwlaryň başsakasy we deltasy taýdan alanda akar suwlarynyň köpüsini goňşy ýurtlar bilen paýlaşýar, bu bolsa akar suwlardan peýdalanmak meselesini başsakasy we deltasy goňşy ýurtlar bileb baglaşylan ylalaşyklara we paktlara örkläp goýýar.
Siriýa demirgazykda Türkiýe bilen Ýewfrat derýasyny we käbir şahalary bilen birlikde Dijle derýasyny, gündogarda Yrak bilen Ýewfratyň we Dijläniň suwuny, günortada Iordaniýa bilen, demirgazyk-günbatarda Türkiýe bilen Asi derýasynyň suwlaryny paýlaşýar.
Siriýadaky suw problemasynyň ýene bir aýratynlygy soňky ýyllarda dowam eden gazaply klimatara üýtgeşmeleriň täsirine uçramagydyr.
Bularyň käbiri ýörite täsirleriň paýlaşýan sebäpleri netijesinde ýagyş-ýagmyrlaryň kemelmegine getirdi? bulam öz gezeginde iki faktory orta dikdi: akar suwlaryň we ýerasty suwlaryň gorlarynda pese gaçyşlyk.
Üçünji aýratynlyk, suwlaryň onlarça ýyllap başly-barat, umuman alanda praktiki däl we bisarpa syýasy doktrinalara garaşly edilmegidir. Has dogrusyny aýdanyňda, köplenç ähli sebitlerde adminstratiw we toparlaýyn korrupsiýa, sözi geçginli we režime ýakyn durýan adamlary «satyn alýan» usullara garaşlylygydyr.
Belki-de, bu syýasatyň iň ýaramaz tarapy, derýalaryň hanasyndan suw alyp, birnäçesini guradan, ýerasty suwlaryny sorup alýan pompalaryň giňden peýdalanylmagydy.




Soňky on ýylda bolsa siriýa suwlarynyň şular ýaly esasy aýratynlyklaryny urşuň we syýasy çaknyşyklaryň suw ýetmezçiligininiň üstündäki täsirleri bilen bulaşdyryp, goşmaça aýratynlyklary ýüze çykardy. Iň esasy bellemeli hakykat, suw edaralarynyň ähli kemçilikleri bilen bile çagşamagydy.
Munuň netijesinde suw gorlary we hemmetaraplaýyn dolandyryş işleri hiç zat bilmeýän, tehniki ukyby we hünärmen bilimi bolmadyk, bolsa-da ýeterlik däl, dürli we biri-birinden tapawutly toparlaryň eline geçdi.
Şeýlelikde, suw meselesi umuman alanda başly-baratlyga, biri-birine garşy we käwagtam bet pygylly bähbitlere we syýasatlara garşy garawsyz ýagdaýa düşdi.
Urşuň suw ýetmezçiliginde ýüze çykaran ýene bir tarapy hapalanmalaryň dürli formalarda ýaýramagy. Bu ýerde üç hili hapalanma öňe saýlanýar: birinjisi, nebit we şuňa meňzeş jisimleriň suw gorlaryna goşulmagy. Bu mesele gündogar-

demirgazyk Siriýada nebit çykarylýan ýerler bilen çäklenmän ir wagt gurlan nebiti gaýtadan işleýän desgalaryň ýerleşen ýerlerine çenli baryp ýetdi.
Ikinjisi, lagym (kanalizasiýa) suwlarynyň agyz suwy zapaslaryna we ýerasty suw rezerwuarlaryna syzmagy. Belki-de, bu ýagdaýyň iň aýdyň mysaly demirgazyk-günbatar Siriýada öý-öwzaryndan jyda düşürilen ýüz müňlerçe adamy ýerleşdirmek üçin howul-hara gurlan başly-barat lagerlerde görülýär we bu ýagdaý wagtyň geçmegi bilen hasam ýaramazlaşdy.
Üçünjisi, suw gorlarynyň nyşana alynmagy we zyňyndylar üçin zibilhana öwrülmegi ýa-da ýakynlarynda zibilhanalaryň döredilmegi.
Humus, Guta, Damask töwereklerinde bolşy ýaly, ýaşaýyş we senagat raýonlaryndaky lagymlaryň suw gorlaryna gönükdirilmegi.
Uruş ýagdaýyndaky Siriýanyň suwlarynyň üstünde agramly täsiri bolan we Siriýanyň demirgazykdaky goňşularynyň iki zadyň üstünden ýöredýän ýene bir zady bar.
Birinjisi, Türkiýäniň öz erkine goýberen Ýewfrat derýasynyň suwundaky Siriýa-Yrak paýynyň kemeldilmegi we käbir habarnamalarda nygtalşy ýaly, bu suwuň hiliniň peselmegidir.
Bu meseläni öwrenjek bolýan tarap ýok, gaýtam Türkiýe bilen «Siriýa Demokratik Geňeşiniň» arasyndaky ýaramaz gatnaşyklar Türkiýäniň bu babatdaky çemeleşmesini hasam ýaramazlaşdyrýar.
Türk ekspansiýasynyň ýene bir tarapy, Siriýanyň demirgazyk-günbatarynda öz gözegçiligi astyndaky ýerlerde ýerleşen ýerli suw gorlarynyň üstündäki agalygydyr.
Munuň iň açyk mysaly hökmünde degişli türk edaralarynyň 2020-nji ýylda Türkiýäniň Hataý şäherindäki Reýhanly bendine suw akdyrmak üçin Afriniň golaýyndaky Meýdanki kölüniň bendindäki böwetleri açmagyny we munuň netijesinde kölüň suwunyň deň ýarsynyň azalmagyny görkezse bolar.




Siriýa suwlarynyň ýagdaýy boýunça garaňky kartinanyň gysgaça mazmuny suwlaryň ilki möçber, soňra hil taýdan ýaramazlaşýandygyny subut edýär. Bu bolsa diňe suwuň mukdaryndaky kemçiligi we ýaşaýyş jaýlarynda ulanylýan suwlaryň ýetmezçiligi sebäpli däl-de, şol bir wagtyň özünde suw ýetmezçiligi sebäpli elektrik toguny öndürmek we ekerançylygyň ýöretmek işleriniň agsamagy bu ýerde ýaşaýan ilata howp abandyrýar.
Suw problemasynyň çuňlaşmagynyň täsiri beýleki senagat we turizm pudaklaryna çenli ýetýär. Siriýa tizara täzeden gurluşyk işlerine başlamagy meýilleşdirýär we gurluşyk işleri bilen has köp suwa mätäçlik duýar.
Ilatyň şonsuzam gündelik suw üpjünçiligi ähli sebitlerde we uly çykdajylar bilen üpjün edilýär.
Ekerançylyk üçin ulanylýan suwlaryň ýagdaýy dürli ýagyş-ýagmyr, akar suw, ýerasty suw gorlarynyň kombinasiýasyna garamazdan birmeňzeş ýagdaýda.
Elektrik energiýasy we nebit gözbaşly ýangyçlaryň çykdajysy sebäpli pompalar bilen ýerasty suwlaryny çykarmak babatda-da kynçylyklar bar.
Gidroelektrik beketlerindäki elektrik togunyň önümçiliginde suwdan peýdalanmak babatda ullakan boşlaňlyk bar we bentleriň suw derejesiniň peselendigi sebäpli boşlaňlyk 70%-e ýetdi.
Siriýadaky suw ýetmezçiligi siriýalylaryň köpüsini başagaýlyga salýar. Bu ýagdaýyň dowam etmegi olary hasam erbet bir ýagdaýa äkider: azyk önümlerini, esasanam bugdaý we gök önümlerini ýetişdirip bilmezlikleri netijesinde azyk üpjünçiligi

howpsuzlygyna ýiti täsirini ýetirer. Keselleriñ we holera ýaly birnäçe ýokanç keselleriñ ýaýramagynyñ netijesi saglygyñ peselmegine getirer.
Suw problemasynyñ ýaramazlaşmagy bilen birlikde ilata hyzmat ediş edaralarynyñ işlerine, ýurtdaky abat galan önümçilik we eksport industriýalarynyñam weýran bolmagyna goşant goşar.
Bular siriýalylary we Siriýanyñ ýagdaýy bilen gyzyklanýanlary suw problemasy agyr heläkçiliklere getirmezden öñ gyssagly öñüni alyş işlerini geçirip başlamaga iterýän sebäpleriñ iñ bärkijesidir.




Faýez SARA,
Siriýaly žurnalist.
Ýekşenbe, 25.06.2023 ý. Publisistika